# Komanda merkezi!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Komanda merkezi! KOMANDA MERKEZI!



Birinji jahan urşy bilen bir birlikde OSMANLY we ROMANOWLAR ýykylyp, taryh sahnasyndan çekildi. Nemesleriñ golastyndaky ýerleriñem ep-eslisi elden gitdi.
Şoñ üçinem kän wagt geçmänkä hasaplaşmaga başlandy. Ikinji jahan urşuny turuzmagyñ bahanasy gözlenýärdi. Ol uruşdan soñ taryh sahnasyna harby güýçleri, puly, energetika çeşmelerini gözegçilik astynda saklaýandygy, IMF-si, MRU-si, Bütindünýä banky, kosmos tehnologiýasy, kontrrazwedka tory bilen ABŞ çykdy. Ýagny, iki uly uruşyñ esasy netijesi ABŞ imperiýasyny orta çykardy.
Iñlisler MAŞGALALARYÑ üstünden KOD ýazylşygyny amala aşyryp gözegçiligi saklasa, ABŞ DOLLARYÑ üstünden muny amala aşyrýardy. Energetika çeşmelerini we söwda ýollaryny-da gözegçilik astynda saklamagy ýatdan çykaranokdy. Harby-deñiz

güýçleri şuña seredýärdi!
Mundan öñ beýle güýç görlüp-eşdilmändi. ABŞ muny edende garşysyna SSSR-i goýdy. Taryh kitaplarynda beýle zatlar ýokdy. URUŞÝAR GÖRNÜŞINI BEREN SSSR aslynda ABŞ-nyñ şärikdeşidi! Iki läheñ oýunçy ÝADRO GÜÝJÜNE EÝEDI we hemmeleri gorkudan titredýärdi. ÝEÑ astyndan tehnologiýa berýänem ABŞ-dy! Gorky salmak arkaly SYÝASY we HARBY LAGERLERI döredýärdiler. NATO ýaly, Warşawa pakty ýaly…
Bu sistema GLOBAL GATLAGYÑ başyny çekýänler tarapyndan çökerdildi. SSSR Gorbaçýowyñ döwründe dagady. Sowet döwletiniñ ykdysady taýdan ömrüni dowam etdirmegi mümkin däldi. Çökdi…
Putin Ýelsiniñ açan gapysyndan girdi. ABŞ dessine NEBITIÑ BAHASYNY GYMMATLADYP, AÇYK ÇEK berdi!
Bu pullar bilen Putin ýurduny yzyna aldy. Galan ilaty we ýerleri bilen täze uly güýç bolmagyñ ýoluna gadam basdy. Soñky otuz ýyldw dünýäde uly DEÑAGRAMLYLYK ýokdy. SSSR-den soñ täzesi gurulmandy! Bir ýerlerde ýaraglaryñ ot partlamagy gerekdi. Tersine bolanda GLOBAL GATLAK sanly ulgam arkaly düýbünden başgaça AGALYK gurjakdy. Bu gatlagyñ öñünde diñe ABŞ bilen Russiýa durup bilmelidi. Emma ABŞ öz arasynda iki bölekdi. Şonuñ üçinem Russiýany razy edip, täze roluna girişdirip bolanokdy! Baýdeniñ gelmegi bilen mununam soñuna nokat goýupdy. Ženewa duşuşygy iki lideriñ täze dünýä düzgüni üçin äden uly ädimidi.
Leman kölüniñ boýundaky «Parc de La Grange» willasynda geçen duşuşyk öñümizdäki ýüz ýyla yşarat edýärdi. Özem olaryñ muny Şweýsariýada geçirmekleri hakykatdanam geñdi!
Dowam edeliñ…
Ukraina öñdenem birnäçe ýyl bäri ganaýan ýarady. 2013-nji ýylda ýurt uly sarsgyna girip, soñundanam KRYM elden gidipdi.
Şindi täze tolkun başlaýar. RUSLAR ilki ýaragyny, soñra ýadro güýjüni görkezýärdi. SORAG ŞU! Siziñ pikiriñizçe UKRAINA garşy ÝADRO GÜÝJÜNI GÖRKEZMEGINIÑ MANTYGY BARMYDY? Hiç bir ýagdaýda ORSYÝETE garşy durup bilmejegi görnüp duran ýagdaýda KIÝEW nämüçin ÝADRO howpy bilen ýüzbe-ýüz galdy? Elbetde, howpuñ salgysy UKRAINA däldi!
Kreml bu güýji ÝEWROPA BILELEŞIGINE görkezýärdi. Nyşana ÝEWROPANYÑ alynandygyna-da Makron bilen Şols gaty gowy düşünýärdi. Germaniýanyñ kansleri Şols «Putin imperiýa gurmak isleýär… Muny magat bilýän…» diýende, howpuñ näderejede uludygyny aýdýardy.

Emma oña garşy çykyp biljek harby güýçleri ýokdy! Goşun düzmek üçin herekete geçäýen ýagdaýlarynda ýygy-ýygydan operasiýalara uçrajaklardy. Güýçlenmeklerine ýol beriljek däldi.
Hytaýy-da ulaltmaklarynyñ öñüne geçilmelidi. Olaryñ ýalñyşlygy wagtynda oýuny añşyryp, TÜRKIÝE ýaly güýçli döwleti AGZA etmezlikleridi.




AGZA Türkiýe ÝEWROPANYÑ çäklerini AFRIKADAN GAZAGYSTANa çenli giñeldip biljekdi. Muny süýrenjeñlige saldylar. London 2016-njy ýylda BREXIT karary bilen agzalykdan çykdy, iñlisler

ÝEWROPANYÑ görüp bilmedigini görýärdi we Türkiýä PASS KART berýärdi! Ankarada London bilen ýakynlaşyp, taryhy ýyl bolan 2016-njy ýylda Pariž-Berlin pozisiýasyndan çykýardy. «Ruslar saýlawlara goşuldy. Tramp şeýdip saýlandy» myş-myşy MOSKWANY nädip «SAÝRYLAŞDYRÝAN» bolsa, 15-nji iýuldan soñ MI6-nyñ başyna geçen Riçard Muram «Russiýa ykdysady we demografik taýdan gowşan ýurt. Soñky derejede kyn ýer…» diýýärdi…
Yzyndanam «UKRAINANY basyp almazlygy üçin duýdurdyk» sözleri bilen bir ýyl öñünden şu güni aýdýardy! Ýagny MOSKWA kem-kemden «SAÝRYLAŞDYRYLYP» GÜNBATARYÑ garşysyna GEÇMEGI üçin taýýarlanýardy…
Şeýle-de geçen ýyl Russiýanyñ Daşary kontrrazwedka gullugynyñ (SVR) başlygy Sergeý Naryşkin bilen ABŞ-nyñ MRU-siniñ (CIA) direktory William Burns Moskwada duşuşyk geçirdi! Burns Howpsuzlyk geñeşiniñ sekretary Nikolaý Patruşewi-de boş güýmemeýärdi! ABŞ-nyñ Russiýadaky öñki adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi bolubam işlän Burns saçynyñ ilçi bolup işlän ýyllarynda agarandygyny nygtap, «Ukraina meselesinde Orsyýete duýdurmak üçin geldim» diýýärdi. Bir ýyl öñünden! Kremle «MRU-nyñ direktory Burns bilen Putinem duşuşdymy?» diýip soralanda, ol «Hawa… Telefonda gepleşdiler» jogaby berildi…
Biz bolsa ýokary templi bu üýtgeşmelere Putiniñ üstünden Çeçenistan, Abhaziýa, Günorta Osetiýa, Krym meselelerine kelle döwjek bolýardyk…
Ýogsam bu doly däldi.
Pandemiýa bilen bir hatarda TETÄRIK (POSTAWKA) ZYNJYRLARY üzülýärdi.
Hytaý bärde uzaga düşýärdi. Geñ galaýmaly, Baýden edil Tramp ýaly AMERIKAN KAPITALYNY ýurduna çagyrýardy! Netijede wirusy bahanalap döreden zatlaryny satyp bolmajakdygyny añlapdylar!
Russiýanyñ ýaraga ýapyşmagy nebitiñ bahasynyñ 119 dollara çykmagyna sebäp bolýardy. Burglary galmagy ÝEWROPA bilen HYTAÝA zarba ursa, nebit deñizinde ýüzýän ABŞ bilen nebit öndürip satýan RUSSIÝANY baýadýardy! Oýuny bozup biljek ýurt SAUD ARABYSTANYDY! Emma olaram ABŞ-nyñ talaby bilen önümçiligi artdyrmagyñ deregine bahany galdyrýardy. Ýagny RUSSIÝANYÑ Ukrainanyñ üstünden ÝEWROPA garşy turzan urşuny maliýeleşdirýärdi.
Nyrhlaryñ galmagynyñ awusy HYTAÝDAN çykýardy. Bu üýtgeşmeler SAR (rus patyşasy) fotosuratynyñ döremegine şert döretmek

bilen birlikde, dünýäni täze şekiline iterýärdi!
Plan ugruna gidermi-gitmez, bilemok! Emma komanda Waşingtonda…
Russiýanyñ ýaragly güýçlerini herekete girizmegi ähli deñagramlylyga täsir edip biljek hemledi. Ukraina munuñ kiçijik sebäbi! Russiýa energetikanyñ üstünden hem HYTAÝY, hem ÝEWROPANY bloklap bilýärdi. Diýmek, ABŞ GÜNDOGAR ORTAÝER GAZYNYÑ ÝEWROPA birikdirilmegini-de şol sebäpden islänokdy!
Ýagny, ukrain urşy ädimme-ädim geldi…
Türkiýemi? Bärde oppozisiýanyñ doly ÝEWROPANYÑ tarapyny tutjagyny ýüzlerçe gezek ýazdym. TUTDULARAM… Hatda Abdylla Gül beýem «Russiýanyñ bu hereketi bizi hem öz içine almak bilen birlikde goñşularymyz we sebit üçin üsti ýapylgy howpdur» diýdi. Ýagny, ÝEWROPA gatlagy Türkiýäni öz ýanynda görmek isleýärdi. Şonuñ üçin gözler ANKARADADY!
Göreliñ, nämeler bolarka…
Ergün DILER.

«TAKVİM» gazeti, 04.03.2022 ý. Publisistika